# Täze ölüm howply kowide ýolukdym…

Category: Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 26 января, 2025
Täze ölüm howply kowide ýolukdym… TÄZE ÖLÜM HOWPLY KOWIDE ÝOLUKDYM, NÄMÜÇIN BU BOÝUNÇA HIÇ ZAT EDEMZOK?




*Ýokanç keselleriñ artmagynyñ düýpli möçberlere äkitmändigi dogry hem bolsa, ätiýajy elden bermeli däldiris*
Geçen hepde pandemiýa başlandan bäri dördünji gezek kowid-19 testim pozitiw çykdy. Hindistanda keseliñ täze «Arcturus» görnüşi sebäpli muña ýolugýanlaryñ çaltlyk bilen we howatyrlandyryjy ýagdaýda artýandygy tassyklandy.
Hindistandaky kowid wakalaryndaky soñky artyşyñ ara salym bermegi 2021-nji ýylyñ aprel aýynda ýurdy gulgula salan ýykgynçylykly «Delta» akymyny howpurgadyjy ýagdaýda ýada salýar
Habarçy hökmünde «Delta» kesel akymyny habarlaşdyryp, hassahanalardaky, morglardaky aýylgançlyga, hyryn-dykyn nobatlara, jesetlere, satuwda däl kislorod ballonlaryny we derman-däri serişdelerinu almak üçin gyrlyşýan adamlara ýakyndan şaýatlyk edipdim. Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyñ çaklamalaryna görä, Hindistanda şol akymyñ ýaýran wagtynda jemi 4,7 milliondan gowrak adam öldi. Ömrümde şular ýaly köp jeset görmändim.
Ýagdaý aşa gorkunçdy we aljyramazlyk mümkin däldi. Her gezek wirusa ýoluganymda fiziki tarapdan bolşy ýaly ruhy raýdanam

göreşmeli bolýaryn. Şol agyr günleriň ýatlamalary ýaňy bolan ýaly göz öňümden gidenok. Şol sebäpli Hindistanda kowid wakalarynyň garaşylmadyk ýagdaýda artýandygy baradaky habarlar howsala düşürýär.

Meniň keselimiňem şu täze ýokanja ilteşiklidigini çaklap bilerin, ýöne anyk kesgitläp biljek derejede ýagdaýym ýok.

Alamatlary ilki gyzgynymyň ýokarlanmagy bilen başlady, has soňra üsgülewüge, ysgynsyzlyga, endamymyň ýenjilen ýaly agyryp durmahyna geçdi. Haýal etmän derman içmäge başladym, bulam gyzgynymy düşürdi, ýöne gowulaşmagyma 4-5 gün gerek boldy. Il-günüň ýagdaýy ünjä goýýar. Hemmeleriň ýagdaýy gowy ýaly test sanlary-da pes ýaly bolup görünýär. Agyz-burun örtükleri jemgyýetçilik ýerlerinden doly aýryldy diýen ýaly. Halkda umuman alanda arkaýynlyk bar, köpler agyr ýeriniň geçendigini oýlap, ätiýajy elden berene meňzeýär.

Test barlaglarynyň pesdigine garamazdan, çarşenbe güni Hindistanda diňe 24 sagadyň dowamynda 10 müňe golaý adamyň kowide ýolugandygy hasaba alyndy. Wirologlar we epidemologlar «XBB.1.16» diýilýän bu täze görnüşiň gürrüňi gidýän artyşyň aňyrsyndaky sebäp bolup biljekdigini birnäçe hepde öň aýdypdylar.

Munuň özi Hindistanyň ýanwar aýynyň käbir günlerinde mälim eden 100-den az täze hasaba almalaryna görä kän öňde. 100-den az täze waka pandemiýa 2020-nji ýylyň başky aýlarynda başlan wagtyndan bäri ýurtdaky iň pes derejä düşüp durşydy. Degişli ýolbaşçylar tagalla baryny edýär, saglygy goraýyş işgärleri kowide garşy taýýarlygyň ýagdaýyny gözegçilik astyna almak üçin gözden geçiriş ýygnaklaryny geçirýär. Döwlet ýolbaşçylaryna medisina infrastrukturasynyň funksional taýýarlygyny üpjün etmek üçin saglygy goraýyş desgalarynda okuw-türgenleşik işlerini geçirmegiň gerekdigi duýdurylýar.

Şeýlekin derejede janagyryly işleriň nähili çalt kontroldan çykyp bilýändigini öň gördük. 2021-nji ýylda birküç hepdäniň içinde ýokanç kesele ýoluganlaryň sany gündelik ýüzlerçeden müňlerçä ýetdi we yzyndan her gün ýüzlerçe müňe çenli dyrmaşdy.

Hindistanyň Hytaýdan ozup, dünýäniň iň köp ilatly ýurdy

bolmagy bilen birlikde ýokanç keseliñ ýaýramagynyñ öñem egbarlan ýagdaýdaky saglygy goraýyş ulgamyny täzeden kyn ýagdaýa salmagy-da daşda däl. Diñe Delide eýýämden onlarça adam ölýär, ýöne indi hiç kim muña kelle agyrtjagam bolup duranok. Şeýle ýagdaýa biperwaýlaşdyk we muña hamana bolaýmaly zat ýaly garaýarys. Hünärmenler keseliñ täze görnüşiniñ soñky uly infragörnüşden 1,2 esse has ýokanç bolup biljekdigini duýdurýar. Emma ýygnanşyklardan we türgenleşiklerden daşgaryn örtük dakmagy we howpsuz aralygy saklamagy talap edýän profilaktiki protokol şindizem güýje girmedi. Ýokanç keselleriñ artmagynyñ düýpli möçberlere äkitmändigi dogry hem bolsa, ätiýajy elden bermeli däldiris. Kowid şindizem biziñ ýanymyzda we megerem geljekde-de bize ýoldaş bolup galjaga meñzeýär. Munuñ bilen ýaşamagy öwrenmek bilen birlikde howpsuzlygy hem elden bermezligi öwrenmeli bolarys. Hernä, şu gezek degişli ýolbaşçylaram ýagdaýlaryñ barha ýaramazlaşyp durmagyna garaşmaz diýip umyt edýärin.



Stuti MIŞRA.
Şenbe, 29.04.2023 ý. Medisina